# Dünýäñ baýlygyna gidenok gözüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dünýäñ baýlygyna gidenok gözüm DÜNÝÄÑ BAÝLYGYNA GIDENOK GÖZÜM



Dünýañ baýlygyna gidenok gözüm,
Gitmezem, indilerem gitmese gerek,
Ýalançy dünýämiz çyna öwrülüp,
Hakykat üstüni basypdyr kerep.
Nalyşym ýok, şükürim kän herdeme,
Aý-günümi aýlap dursa takyrdap,
Pelek senden uly zada tamam ýok,
Ýetik maña gazan dursa lakyrdap.

Elmydama deñlik boldy geregim,
Kemligi däl, islemedim artygam,
Il-gün üçin ylgadym men elmydam,
Özim üçin rowa görmän nokadam.

Käte sygman dar gursaga ýüregim,
Mähir isläp bakdy durdy telmirap,
Harlanan göwünim hemayat gözlap,

Boş salgymdan umyt etdi elewräp.

Merjen MÄTIÝEWA. Goşgular